Apatridleriň derejesi hakynda Konwensiýa

Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň 1954-nji ýylyň 26-njy aprelindäki 526 a (ÄÜIII) rezolýusiýasyna laýyklykda 1954-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda çagyrylan doly ygtyýarly wekilleriň Konwensiýasynda kabul edildi

Güýje giren wagty: 39-njy madda laýyklykda, 1960-njy ýylyň 6-njy iýuny

G I R I Ş

Ylalaşýan Belent Mertebeli Taraplar,

Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasy we Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan 1948-nji ýylyň 10-njy dekabrynda kabul edilen Adam hukuklarynyň Ähliumumy Jarnamasynda ähli adamlaryň hiç hili kemsidilmesizden esasy hukuklardan we azatlyklardan ýörelge edip goýandyklaryna *ünsi çekmek bilen,*

Birleşen Milletler Guramasynyň apatridleriň ykbalyna ençeme gezek çuňňur gyzyklanma bildirendigine hem-de apatridleriň şol esasy hukuklardan we azatlyklardan mümkin boldugyça has giň peýdalanmaklaryny üpjün etmek üçin ýardam edendigine *ünsi çekmek bilen,*

şol bir wagtyň özünde hem gaçgak bolan apatridleriň 1981-nji ýylyň 28-nji iýulynda kabul edilen Konwensiýa bilen gurşalyp alynmadyk apatridleriň köp sanlysynyň bardygyna *ünsi çekmek bilen,*

apatridleriň ýagdaýyny halkara ylalaşygy bilen kadalaşdyrmagyň we gowulandyrmagyň zerurdygyna *ünsi çekmek bilen*,aşakdakylar bilen ylalaşdylar:

BÖLÜM I

UMUMY DÜZGÜNLER

1-nji madda - "Apatrid" diýen düşünjäniň kesgitlemesi

1. Şu Konwensiýada "apatrid" diýen adalgada kanunyna görä hiç bir döwlet tarapyndan onuň öz raýaty hökmünde garalmaýan adamlar aňladylýar.

2. Şu Konwensiýanyň düzgünleri aşakdakylara degişli däldir:

i) häzirki wagtda Birleşen Milletler Guramasynyň bosgunlaryň işi baradaky Ýokary komissaryndan başga Birleşen Milletler Guramasynyň beýleki edaralarynyň we guramalarynyň goragyndan we kömeginden peýdalanýan adamlar;

ii) degişli ýurduň ygtyýarly häkimiýeti tarapyndan şol döwletiň raýatlygy bilen bagly hukuklaryň we borçlaryň olara-da degişlidigini ykrar edilen adamlar;

iii) aşakdaky ýagdaýlarda güman edilmäge çynlakaý esas bar bolan adamlar:

a) parahatçylyga garşy jenaýatda, harby jenaýatda ýa-da adamzada garşy jenaýatda – şeýle jenaýatlar babatynda çäre görmek maksady bilen düzülen halkara namalarynda kesgitlenen;

b) özlerine gaçybatalga beren ýurda gelmezinden ozal, syýasy häsiýetli agyr jenaýat edenler;
c) Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ters gelýän etmişlerde günälenenler.

2-nji madda – Umumy borçnamalar

Her bir apatridiň öz ýaşaýan ýurdunyň öňünde borçlary bardyr. Ol şol ýurduň kanunlaryna we kararlaryna boýun bolmalydyr, şeýle hem jemgyýetçilik düzgün-tertibi berjaý etmek üçin geçirilýän çäreleri ýerine ýetirmelidir.

3-nji madda – Kemsidilmegi aradan aýyrmak

Ylalaşýan döwletler şu Konwensiýanyň apatridleriň jynsyna, dinine, haýsy ýurtdan gelip çykandygyna – bagly bolan islendik kemsidilmäniň ýol berilmesizdigi baradaky düzgünlerini berjaý etmelidirler.

4-nji madda –Din ynançlar

Ylalaşýan döwletler öz çäklerinde ýaşaýan apatridlere öz dinine uýmakda we öz çagalaryna dini terbiýe bermekde iň bolmanda, öz raýatlaryna berilýän ýaly amatly ýagdaýlar döredip, erkinligi berilmelidirler.

5-nji madda – Şu Konwensiýa garamazdan, berilýän hukuklar

Şu Konwensiýada ylalaşýan döwletleriň haýsydyr biri tarapyndan şu Konwensiýa garamazdan, berlen hukuklar we artykmaçlyklar bozulmaýar.

6-njy madda – "Şol bir ýagdaýlarda" diýen düşünje

Şu Konwensiýada görkezilýän "şol bir ýagdaýlarda" diýen düşünje apatridiň edýän islendik taraplary, şol sanda, degişli ýurtda bolmagynyň we ýaşamagynyň möhleti we şertleri babatda hem eger ol adam apatrid bolmadyk bolsa, degişli hukukdan peýdalanmak üçin edilýän talaplary berjaý etmeli bolsa, apatridiň ýerine ýetirýän ýagdaýy bolmadyk talaplardan başga ýerine ýetirilmegidirligi aňladýar.

7-nji madda – Özaralyk kadasyndan aýyrmak

1. Şu Konwensiýa esasynda apatridlere has amatly hukuk ýagdaýyny döretmekden başga ýagdaýlarda ylalaşýan döwlet, umuman, daşary ýurtlaryň peýdalanýan hukuklary ýaly şert döredýär.

2. Ylalaşýan döwletleriň çäginde 3 ýyl ýaşandan soň, apatridler kanun boýunça, bellenilen özaralyk talabyndan boşadylýar.

3. Ylalaşýan döwletleriň her biri mundan beýläk hem apatridlere şu Konwensiýanyň degişli döwletde güýje giren gününde bar bolan hukugyny hiç hili özaralyk talap edilmezden, berjaý etmekdir.

4. Ylalaşýan döwletler apatridlere şu maddanyň 2-nji we 3-nji bölümlerinde göz öňünde tutulan hukuklaryndan we artykmakçlygyndan başga-da hiç hili özaralygy nazara almazdan, şol 2-nji we 3-nji bölümlerde görkezilen şertlere gabat gelmeýän iki taraplaýyn (özaralaýyn) borçlardan boşadylmaklaryna onuň garamalydyrlar.

5. 2-nji we 3-nji bölümlerde bellenilen şertler şu Konwensiýanyň 13, 18, 19, 21 we 22-nji maddalarynda göz öňünde tutulan hukuklara we artykmaçlyklara, şeýle hem şu Konwensiýada göz öňünde aýyrmadyk hukuklar we artykmaçlyklar babatynda hem ulanylýar.

8-nji madda – Aýratyn çäre görmegi aradan aýyrmak

Aýry-aýry adamlar, emläkler ýa-da raýatlaryň ýa-da daşary ýurtlaryň raýatlarynyň bähbitleri babatynda ylalaşýan döwletler daşary ýurtlaryň raýatlygyny alan wagtyndan öňki ýagdaýlar üçin apatridlere aýratyn-üýtgeşik çäreleri görüp bilmezler.

Ylalaşýan döwletleriň kanunçylygynda şu maddada görkezilen umumy ýörelgeleri ulanmaga rugsat berilmeýän bolsa degişli ýagdaýlarda şeýle apatridleriň bähbitlerine ol düzgünleri ulanyşdan aýyrmagy belleýärler.

9-nji madda – Wagtlaýyn çäreler

Şu Konwensiýanyň her bir düzgüni ylalaşýan döwlete uruş bar mahaly ýa-da beýleki adatdan daşary ýagdaýlarda zerur diýip hasap edende, döwlet howpsuzlygynyň bähbitleri üçin ol ýa-da beýleki anyk bir adamyň şol döwlet tarapyndan onuň dogrydanam apatriddigi anyklanmanka, onuň garşysyna döwlet howpsuzlygy üçin zerur hasap edilen çäreleri görmekden mahrum edilmeýär.

10-nji madda – Üznüksiz ýaşamak

1. Eger apatrid ikinji jahan urşy wagtynda ylalaşýan döwletleriň biriniň çägine zor bilen ugradylan bolsa degişli ýurtda bagtyýar bolan wagty şol ýerde kanuny ýagdaýda ýaşaýan diýip hasap edilýär.

2. Eger apatrid ikinji jahan urşy döwri Ylalaşýan döwletleriň birinden zor bilen çykarylan bolsa we soňra hemişelik ýaşamak üçin öz ýurdyna dolanyp gelen bolsa, onuň zor bilen çykarylandan öň we gaýdyp gelen soň, ýaşan wagtlary bir ýerde üznüksiz – arakesmesiz ýaşalmagy talap edilýän ähli ýagdaýlarda üznüksiz ýaşan diýlip, hasap edilýär.

11-nji madda – Apatridler – deňizçiler

Eger Ylalaşýan döwletleriň haýsydyr biriniň baýdagy astynda ýüzýän gämilerde kadaly ýagdaýda gulluk edýän deňizçiler apatridler bolsa, onda şol döwlet şol adamlaryň öz çäklerinde bolmaklaryna, olara ýol resminamalaryny bermäge ýa-da öz çägine girmäge wagtlaýyn girmäge rugsat bermän, şeýle hem olaryň başga bir ýurda gitmekleri üçin ýeňillikleri bermäge ýardam etmelidir.

BÖLÜM II

HUKUK ÝAGDAÝY

12-nji madda – Şahsy hukuk derejesi

1. Apatridiň şahsy hukuk derejesi daşary ýurdynyň kanuny bilen, eger onda şeýle ýagdaý bolmasa onuň ýaşaýan ýurdynyň kanuny bilen kesgitlenilýär.

2. Apatridiň şahsy hukuk derejesi bilen baglylykda, öň eýe bolan hukuklary, hususan-da nikadan gelip çykýan hukuklary Ylalaşýan döwletler tarapyndan degişli döwletiň kanunlarynda göz öňünde tutulan şertleri, eger şeýle hukuklar, eger şol adam apatrid bolmadyk bolsa hem onuň hukuklary şol döwletiň kanuny tarapyndan ykrar edilen bolsa, berjaý etmäge borçlydyr.

13-nji madda – Gozgalýan we gozgalmaýan emläk

Gozgalýan we gozgalmaýan emlägi satyn almak we şunuň bilen bagly beýleki hukuklar, bilen bagly kärende hem-de beýleki şertnamalar babatynda Ylalaşýan döwletler apatridlere has amatly ýagdaýlary – şunuň ýaly ýagdaýda bolan daşary ýurtlaryň peýdalanýan hukuklaryndan hem bolmadyk şertleri dörederler.

14-nji madda – Awtorlyk we senagat hukuklary

Senagat hukuklaryna degişli meselelerde: oýlap tapmak, çyzgylar we nusgalar, söwda nyşanlary, şereketiň ady babatda hukuklar, edebi, çeper, ylmy eserleri döretmäge hukuklary hem apatridleriňki hem olaryň ýaşaýan ýurdynda şol döwletiň raýatlarynyňky ýaly goralar. Ylalaşýan döwletleriň islendiginde olaryň adatça, öz ýaşaýan ýurdynyň raýatlarynyňky ýaly, hukuklary goralýar.

15-nji madda – Assosiasiýalaryň hukugy

Syýasy meselelere goşulyşmaýan assosiasiýalara, alyp barýan işlerinden bähbit görmegi maksat edinmeýän kärdeşler arkalaşyklaryna Ylalaşýan döwletler öz çäklerinde kanuny ýaşaýan apatridlere (raýatlygy bolmadyk adamlar) deň ýagdaýlarda ýaşaýan daşary ýurt raýatlarynyň derejesine laýyk bolan amatly şertleri döretmäge borçludyrlar.

16-njy madda – Kazyýete ýüz tutmak hukugy

1. Ylalaşýan döwletleriň çäklerinde her bir apatridiň kazyýete erkin ýüz tutmaga hukugy bardyr.

2. Köplenç ýaşaýan ýeri Ylalaşýan döwletiň çäginde bolan apatridiň edil şol döwletiň raşaty ýaly – has takygy, kazyýete ýüz tutanda, hukuk meseleleri boýunça kömek zerur bolanda, kazyýet töleglerinden boşadylmaga degişlidir.

3. Her bir apatride hemişelik ýaşaýan ýurdundan başga ähli ýurtlarda 2-nji punktda görkezilen meseleler boýunça öz hemişelik ýaşaýan ýurdunyň raýatlarynyňky ýaly deň şertler döretmelidirler.

BÖLÜM III

GIRDEJI GETIRÝÄN IŞLER

17-nji madda – Hakyna tutma iş

1. Ylalaşýan döwletler öz çäklerinde kanuny ýagdaýda ýaşaýan apatridlere hakyna tutma şertlerinde işlemäge hukuklary baradaky meselelerinde, hut şeýle ýagdaýlardaky daşary ýurt raýatlaryňky ýaly amatly hukuk şertlerini döretmäge borçludyrlar.

2. Ylalaşýan döwletler apatridleriň hakynatutma işlerinde işlemäge bolan hukuklarynyň raýatlaryň hukuklary bilen deňeşdirmek meselesine oňyn çemeleşmelidirler, bu esasanam degişli döwletiň çägine işçi güýjüniň ýetmezçiligi sebäpli, ýörite meýilnama boýunça ýa-da immigrasiýa düzgünlerine laýyklykda, gelen apatridlere degişli bolmalydyr.

18-nji madda – Öz hususy kärhanaňda işlemek

Ylalaşýan döwletler öz çäklerinde ýaşaýan apatridlere oba hojalygynda, senagatda, senetkärçilikde we söwdada özbaşdak işlemek, şeýle hem söwda we senagat boýunça jemgyýetleri döretmek meselelerinde has amatly hukuk ýagdaýyny, şeýle ýagdaýlarda bolan daşary ýurt raýatlaryňkydan kem bolmadyk şertleri döretmelidirler.

19-njy madda – Erkin hünärler

Ylalaşýan döwletleriň her biri öz çäklerinde kanuny ýaşaýan, degişli döwletiň ygtyýarly wekilleri tarapyndan ykrar edilen diplomy bolan we erkin işler bilen meşgullanmak isleýän apatridlere has amatly hukuk ýagdaýyny – şeýle ýagdaýlardaky daşary ýurtlylaryň hukuklaryndan kem bolmadyk şertleri döretmelidirler.

BÖLÜM IV

DURMUŞ TAÝDAN HEMAÝATKÄRLIK

20-nji madda – Paýlaýyş düzgüni

Ähli ilat üçin hökmany bolan paýlamak tertibi girizilen ýurtda, gyt önümleriň hemmelere ýetmegini kadalaşdyrýan düzgün apatridlere hem şol ýurduň raýatlary bilen deň derejede degişlidir.

21-nji madda – Ýaşaýyş jaý meselesi

Ýaşaýayş jaý meselesiniň kanunlar we kararlar bilen kadalaşdyrylýandygy ýa-da döwletiň gözegçiligi astynda bolýandygy sebäpli, Ylalaşýan döwletler öz çäklerinde kanuny ýaşaýan apatridlere, megerem, has amatly hukuk ýagdaýyny – şol bir şertlerde ýaşaýan daşary ýurtlylaryň adatça peýdalanýan hukuklaryndan kem bolmadyk şertleri döretmelidirler.

22-nji madda – Bilim

1. Ylalaşýan döwletler başlangyç bilim babatda apatridlere hem hut öz raýatlarynyňky ýaly hukuk ýagdaýyny döretmelidirler.

2. Başlangyç bilimden başga bilim ulgamynyň beýleki görnüşleri babatynda – okuwy dowam etdirmekde, daşary ýurtlarda alynan diplomlaryň, attestatlaryň, ylmy derejeleriň okamak üçin töleglerden we ýygymlardan boşatmak, talyp haklaryny almak hukuklarynyň ykrar edilmeginde Ylalaşýan döwletler apatridlere megerem has amatly hukuk şertlerini – şol bir ýagdaýlarda bolan daşary ýurtlylaryň adatça peýdalanýan hukuklaryndan kem bolmadyk şertleri döretmelidirler.

23-nji madda – Hökümetiň kömegi

Ylalaşýan döwletler öz çäklerinde kanuny ýaşaýan apatridlere hökümet kömegi we goldawy babatda öz raýatlarynyňky ýaly, deň şertleri döretmelidirler.

24-nji madda – Zähmet kanunçylygy we durmuş üpjünçiligi

1. Ylalaşýan döwletler öz çäklerinde kanuny esasda ýaşaýan apatridlere aşaky meseleler boýunça öz raýatlarynyňky ýaly şertleri döretmelidirler:

a) çekilen zähmet üçin goşmaça sylag pullary, eger şol sylag pullar zähmet üçin tölegiň bir bölegi bolsa, onda ol maşgala berilýän kömek puluna hem goşulýar, şu günüň dowamlylygy, bellenen wagtdan artykmaç işlenende, tölegli zähmet rugsadynda, öýde işlemek çäklendirilende, hakynatutma işde işleýän adamyň ýaşynyň aşaky çägi kesgitlenende, şägirt bolup iş öwrenende we hünärini ýokarlandyranda, zenanlaryň we ýetginjekleriň zähmet şertlerinde hem-de toparlaýyn şertnamalar baglaşylanda, artykmaçlykdan peýdalanmaga – sebäbi ýokarda sanalan meseleler kanunlar we hukuklar bilen düzgünleşdirilýär ýa-da döwlet häkimleri tarapyndan gözegçilik edilýär;
b) durmuş üpjünçiliginde (iş ýerinde heläkçilikli ýagdaý, hünär boýunça kesellemek, enelik, ýarawsuzlyk, maýyplyk, garrylyk, ölüm işsizlik, maşgala boýunça borçlar we beýleki ýagdaýlar hakynda kanunlar borjyny,irki kanunlara ýa-da kararlara laýyklykda, durmuş üpjünçiligi ulgamynda göz öňünde tutulan beýlekiler) şeýle çäklendirmeler bardyr:

i) ele alynan we ele alynmadyga bolünýän hukuklaryň zerur tertibi bolmalydyr;

ii) ýaşaýan ýurdunyň kanunlary ýa-da buýruklary boýunça döwlet buýjetinden kömek pullaryny dolylygyna ýa-da bölekleýin almagyň şertlerini berjaý etmedik adamlar üçin ýörite tertibi düzülýär.

2. Iş üstünde ý-da hünär keseli boýunça apatrid aradan çykanda onuň öwezini dolup, pul kömegini almaga, ony almaga hukukly bolan adamyň Ylalaşýan döwletiniň çäginde ýaşamaýandygy päsgel berip bilmez.
3. Ylalaşýan döwletler öz aralarynda baglaşylan ýa-da gelejekde baglaşylmagy mümkin bolan ylalaşyklardan gelip çykýan öň gazanylan hukuklary ýa-da indi gazanylýan durmuş üpjünçiligi babatyndaky hukuklaryny ýokarda agzalan ylalaşyklara gol çeken döwletleriň raýatlaryna degişli şertleri berjaý etmek bilen apatridlere artykmaçlyk bermelidirler.
4. Ylalaşýan döwletler ýokarda görkezilen ylalaşyklardan gelip çykan meseleler boýunça apatridlere artykmaçlyklar bermäge onuň çemeleşmelidirler. Sebäbi şol ylalaşyklar her bir anyk ýagdaýda Ylalaşýan döwletleriň we ylalaşyga goşulmadyk döwletleriň arasynda öz güýjüni saklap biler.

BÖLÜM V

ADMINISTRATIW ÇÄRELER

25-nji madda – Administartiw ýardam

1. Haçan-da apatridler haýsy hem bolsa bir hukukdan peýdalananlarynda, adatça, olara şol apatridleriň ýüz tutmaga mümkinçiligi bolmadyk daşary döwletiniň ýardam bermegi talap edilýär, çäginde bellenenilen apatridler ýaşaýan Ylalaşýan döwletler şeýle ýardamlaryň olaryň öz hökümetleri tarapyndan berilmegi üçin çäreleri görmelidirler.

2. 1-nji bapda bellenen hökümet ýa-da hökümetler adaty ýagdaýda daşary ýurt hökümetleri ýa-da olaryň raýaty bolup durýan döwletiniň hökümetiniň üsti arkaly berilýän resminamalar ýa-da şahsyýetnamalar bilen apatridleri üpjün ederler ýa-da apatridleriň üpjün edilmegine gözegçiligi amala aşyrarlar.

3. Şu tertipde berlen resminamalar ýa-da şahsyýetnamalar daşary ýurt hökümetleri ýa-da olaryň raýaty bolup durýan döwletiniň hökümetiniň üsti arkaly berilýän resminamalary çalşarlar, tä olaryň güýjüni ýitirendigi mälim edilýänçä, hereket edýär hasap ediler.

4. Ýoksuz taraplara niýetlenen aýratyn ýeňillikler hasaba alynmazdan şu maddada bellenilen hyzmatlar üçin tölegler alnyp bilner; elbetde, şeýle tölegler ujypsyz ýa-da şoňa meňzeş hyzmatlar üçin raýatlardan alynýan tölege laýyklykda belleniler.

5. Şu maddadaky düzgünler 27-nji we 28-nji maddalardaky düzgünlere dahylly däldir.

26-njy madda – Hereket etmek erkinligi

Her bir Ylalaşýan döwlet onuň çägende kanuny ýagdaýda bolýan apatridlere şol ýagdaýlarda daşary ýurtlylara ulanylýan ähli adaty düzgünlere eýermek şerti bilen ýaşaýyş ýerini saýlamak hukugyny hem-de onuň çäginde erkin hereket etmek ygtyýarlygyny bermelidir.

27-nji madda – Şahsyýetnama

Ylalaşýan döwletler öz çäginde ýerleşen we hakyky geçelge resminamasy bolmadyk apatridlere şahsyýetnama bermelidirler.

28-nji madda – Geçelge resminamasy

Ylalaşýan döwletler öz çäginde kanuny ýaşaýan apatridlere öz çäginden daşarda hereket etmekleri üçin geçelge resminamalarynyň berýärler. Çünki döwlet howpsuzlygynyň we jemgyýetçilik düzgüniniň esasly sepäbi muňa päsgel bermeýär. Şeýle resminamalara şu düzgünleriň Konwensiýasyna goşmaça düzgünnamalar ulanylyp bilner. Ylalaşýan döwletler

şeýle geçelge resminamalaryny öz çäginde ýerleşýän islendik beýleki apatride hem berip bilerler; hususan-da, olar öz çägindäki kanuny ýaşaýan döwletine geçelge resminamasyny alyp bilmeýän apatridlere şular ýaly geçelge resminamasyny bermek meseleinde hoşniýetli çemeleşmelidirler.

29-njy madda – Salgytlar

Ylalaşýan döwletler apatridlere öz raýatlaryna şunuň ýaly ýagdaýda salynýan we salnyp biljek şuňa meňzeş hem-de hiç hili paçlary, ýygymlary we salgytlary salmal däldirler.

1. Öňdäki babyň düzgüni apatrid bilen baglylykda, daşary ýurtlylara administratiw resminamalaryň, şol bir sanda, şahsyýetnamlaryň berilmegi üçin alynýan ýygymlar bilen baglanşykly kanunlaryň ýa-da kararlaryň ulanylmagyny inkär etmeýär.

30-njy madda – Emlägi çykarmak

1. Ylalaşýan döwletler öz kanunlaryna we kararlaryna laýyklykda, apatridlere öz ýanlary bilen onuň çägine getiren emlägini göçmek hukugy berlen beýleki döwlete alyp gitmäge ygtyýar bererler.

2. Ylalaşýan döwletler şol emlägiň nirede ýerleşýändigine garamazdan, apatridleriň olaryň gitmek hukugyna eýe bolan beýleki döwletde ýaşamagy üçin zerur bolan emlägi alyp gitmek baradaky haýyşnamasyna hoşniýetli çemeleşmelidirler.

31-nji madda – Ýurtdan çykarmak

1. Eger döwlet howpsuzlygyna ýa-da jemgyýetçilik düzgüniniň bozulmagyna gatlyşmaýan bolsa, Ylalaşýan döwletler öz çäklerinde kanuny ýaşaýan apatridleri ýurtdan çykaryp bilmeýärler.

2. Şeýle apatridleri ýurtdan çykarmak diňe kazyýet çözgüdiniň hökümi ýerine ýetirlende amala aşyrylýar. Eger-de muňa döwlet howpsuzlygy bilen dahylly esasly sebäpler päsgel berende apatridlere özüni aklaýan subutnamalar we şikaýatlar bilen degişli edaralara ýüz tutup, ýa-da ygtyýarly adama we beýleki adamlara ýüz tutmaga, munuň üçin ýörite wekilleri tutmaga hukuklary bardyr.

3. Ylalaşýan döwletler şonuň ýaly apadritlere başga ýurda gitmek üçin kanuny hukuk gazanar ýaly, ýeterlik möhlet bermelidirler. Ylalaşýan döwletler şol möhletiň dowamynda içerki häsiýete mahsus bolan, özleriniň zerur hasap eden çärelerini görmek hukugyny özünde saklaýarlar.

32-nji madda – Raýatlyga kabul etmek

Ylalaşýan döwletler apatridlere özlerine üçin bolan ýurda goşulyp gitmeklerini we raýatlyga kabul edilmeklerini ýeňilleşdirmek üçin çäreler görmelidirler. Hususan-da olar göçüp gelen adamlary ýerleşdirmek üçin iş dolandyryşy çaltlandyrmak hem-de şunuň bilen baglanyşyklary çykdaýjylary we ýygymlary azaltmaga çalşarlar.

BÖLÜM VI

JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

33-nji madda – Milli kanunçylyk namalary hakynda maglumatlar

Ylalaşýan döwletler Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryna şu Konwensiýany durmuşa geçirmek üçin özleriniň çykaran kanunlarynyň we kararlarynyň tekstini iberýärler.

34-nji madda – Jedelleri çözmek

Şu Konwensiýa gatnaşyjylaryň arasynda ýüze çykýan jedellerde oňa nähili düşünmelidigi we ony nähili ulanmalydygy baradaky meseleleri çözüp bolmaýan bolsa, jedele gatnaşýan islendik tarapyň talaby boýunça Halkara Kazyýetine berilýär.

35-nji madda – Gol çekişmek, ratifikasiýa etmek we goşulyşmak

1. Şu Konwensiýa Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi edaralarynda 1965-nji ýylyň 31-nji dekabryna çenli açyk bolar.

2. Şu Konwensiýa şu aşakdakylaryň adyndan gol çekmek üçin açykdyr:

a) Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy bolan islendik döwlet;
b) Birleşen Milletler Guramasynyň apatridleriň hukuk ýagdaýy hakyndaky meseleler boýunça maslahatyna çakylyk alan islendik beýleki döwlet;
c) Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň şu Konwensiýa gol çekmegi ýa-da oňa goşulyşmagy teklip eden islendik döwlet;

3. Şu Konwensiýa ratifikasiýa ediler we ratifikasiýa resminamalary Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynda tassyklanylar.

4. Şu Konwensiýa şu maddanyň 2-nji böleginde agzalan döwletlere gol çekmek üçin açykdyr. Goşulyşmak Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyňkyda tassyklamak ýoly bilen amala aşyrylar.

36-njy madda – Konwensiýany aýry-aýry çäklerde herekete girizmek hakynda kararlar

1. Islendik döwlet Konwensiýa gol çekende, ratifikasiýa edende ýa-da oňa goşulyşanda şu Konwensiýanyň öz tutuş öz çäklerine ýa-da halkara gatnaşyklary üçin özüniň jogapkärlik çekýän käbir ýerlerinde hereket edýändigi barada beýannama ýaýradyp biler.
Şol beýannama Konwensiýa degişli döwlet üçin güýje giren güni hereket edip biler.

2. Islendik beýleki wagtlarda Konwensiýanyň hereketiniň şeýle ýaýradylmagy BMG-nyň Baş sekretarynyň adyna habarnama ugratmak arkaly amala aşyrylýar. Bu hereket Baş sekretar şol habarnamany alandan soň, togsanynjy gün ýa-da bu sene has giç bolsa, Konwensiýa degişli döwlet üçin güýje girenden soň, kanuny diýip hasap edilýär.

3. Şu Konwensiýa gol çekilende, ratifikasiýa edilende ýa-da goşulyşylanda onuň hereketiniň ýaýramadyk çäklerinde gyzyklanýan döwlet şol şertlere Konwensiýanyň günleriniň ýaýradylmagy üçin konstitusion häsiýetdäki sebäpler boýunça zerur bolan ýagdaýynda şol çäkleriň hökümetleriniň razyçylygyny almalydyr.

37-nji madda - Federatiw döwletler hakynda kararlar

Federatiw ýa-da unitar däl (çendenaşa merkezleşmedik) döwletler üçin aşakdaky düzgünler ulanylýar:

a) Şu Konwensiýanyň federal kanun çykaryjy häkimiýetiniň kanunçylyk hukuk täsiri astyna düşýän maddalary babatynda, federal hökümetleriň borçnamalary şu Konwensiýa goşulyşan federatiw döwletler bolmadyk taraplaryň borçnamalary bilen deňeçer bolar;
b) Şu Konwensiýanyň federasiýanyň düzümine giryän, ýöne federasiýanyň konstitusion gurluşyna laýyklykda kanunçylyk çärelerini ýerine ýetirmäge borçly bolmadyk ştatlaryň, welaýatlaryň, kantonlaryň kanunçylyk hukuk täsiri astyna düşýän maddalary babatynda federal hökümeti ilkinji mümkinçiliklerden peýdalanyp, şol maddalar barada ştatlaryň, welaýatlaryň, kantonlaryň häkimiýetlerini özleriniň hoşniýetli seslenmelerini hem goşmak bilen habardar etmelidirler.

c) Şu Konwensiýada tarap bolup çykyş edýän federatiw döwletler Ylalaşýan döwletleriň islendiginiň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň üsti bilen ýetirilen talaby boýunça Federasiýada we onuň düzüm böleklerinde hereket edýän kanunlar hakynda, Konwensiýanyň her bir anyk şertiniň kanunçylyk ýa-da beýleki ýollar bilen durmuşa ornaşdyrylyşy hakynda maglumat berýärler.

38-nji madda – Bellikler

1. Gol çekilende, ratifikasiýa edilende ýa-da goşulyşylanda islendik döwlet şu Konwensiýanyň 1, 3, 4, 16 (1) we 33—42 maddalardan beýleki maddalara öz belliklerini berip biler.

2. Islendik döwlet, şu maddanyň 1-nji bölegine laýyklykda, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretaryny habardar etmek bilen öz eden belliginden ýüz dönderip biler.

39-njy madda – Güýje girmegi

1. Şu Konwensiýa altynjy ratifikasiýa resminama ýa-da goşulyşmak hakyndaky nama kabul edilen gününden soň togsanynjy gün güýje girýär.

2. Konwensiýany ratifikasiýa eden ýa-da altynjy ratifikasiýa resminamany ýa-da goşulyşmak hakyndaky nama tassyklanan soň, oňa goşulyşan ähli döwletler üçin konwensiýa her bir degişli döwlet öz ratifikasiýa resminamasyny ýa-da goşulyşmak hakyndaky namany tassyklandan soňra togsanynjy gün güýje girýär.

40-nji madda – Konwensiýanyň ýatyrylmagy

1. Ylalaşýan döwletleriň islendik biri islendik wagty Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň adyna habar ibermek özi üçin şu Konwensiýanyň güýjüni ýatyryp biler.

2. Konwensiýanyň güýjiniň ýatyrylmagy Ylalaşýan döwlet üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň adyna habar ediş haty bolan gününden bir ýyl soň, güýje girýär.

3. 36-nji madda esasynda beýannama eden ýa-da habar iberen islendik döwlet şondan soň islendik wagt Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň adyna habar ibermek arkaly Baş sekretar şol habary alandan bir ýyl geçenden soň Konwensiýanyň degişli ýurdyň çäginde güýjüni ýitirýändigi barada Beýannama berip biler.

41-nji madda – Gaýtadan seretmek

1. Ylalaşýan islendik döwlet Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretarynyň adyna habar ibermek arkaly islendik wagt şu Konwensiýanyň gaýtadan seredilmegini talap edip biler.
2. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy belli bir çäreleri görmek zerurlygy ýüze çykanda, degişli çäre görmegi maslahat berip biler.

42-nji madda – Birleşen Milletler tarapynyň Baş sekretarynyň iberýän habarlary

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Birleşen Milletler Guramasynyň ähli agzalaryna bolan hem-de agzalary bolmadyk ähli döwletlere 35-nji maddada görkezilişi ýaly, şulary habar berer:

a) 35-nji maddada göz öňünde tutulan gol çekişmeler, ratifikasiýalar we goşulyşmalar barada;

b) 36-njy maddada göz öňünde tutulan beýannamalar we habar etmeler barada;

c) 38-nji maddada göz öňünde tutulan bellikler we belliklerden ýüz döndirmek barada;

d) şu Konwensiýanyň 39-nji maddasyna laýyklykda güýje girendigi barada;

e) 40-njy maddada göz öňünde tutulan Konwensiýanyň güýjüni ýatyrmak we habar etmeler barada;

f) 41-nji madda esasynda gaýtadan seretmek üçin arzalar hakynda.

Ýeterlikli ygtyýar berlen wekiller öz hökümetleriniň adyndan şu Konwensiýa gol çekendiklerini TASSYKLAÝARLAR.

Gol çekmek bir müň dokuz ýüz elli dördünji ýylyň sentýabrynyň ýigrimi sekizinji gününde Nýu-Ýork şäherinde AMALA AŞYRYLDY. Konwensiýa bir nusgada – iňlis, ispan we fransuz dillerinde bolup, olaryň deň güýji bardyr; şu nusga Birleşen Milletler Guramasynyň arhiwinde saklanýar we onuň tassyklanylan nusgalary Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy bolan ähli döwletlere we 35-nji maddada görkezilişi ýaly Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy bolmadyk ýurtlara hem ugradylýar.